**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**

**“TASSYKLAÝARYN“**
**Magtymguly adyndaky**
**Türkmen döwlet uniwersitetiniň**
**rektory O.Öwezsähedow**
**“___” ___ 2025 ý.**

**Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda**
**Himiýa dersi boýunça IV halkara olimpiadasyny**
**guramak we geçirmek hakynda**

# DÜZGÜNNAMA

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýylyň 6-njy oktýabryndaky 1957 belgili Karary bilen tassyklanan “Türkmenistanda himiýa ylmyny we tehnologiýalaryny toplumlaýyn ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny”, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýylyň 4-nji dekabryndaky 2006 belgili Karary bilen tassyklanan “Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny” ýerine ýetirmek, bilim ulgamyna innowasiýalary ornaşdyrmak, şeýle hem bilimiň hiline monitoringi amala aşyrmak maksady bilen şu Düzgünnama işlenilip taýýarlanyldy.

## 1. Umumy düzgünler

Şu Düzgünnama ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda Himiýa dersi boýunça IV halkara olimpiadasyny (mundan beýläk – olimpiadany) guramagyň we geçirmegiň tertibini düzgünleşdirýär.

“Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna” laýyklykda ýurdumyzyň milli ykdysadyýetini toplumlaýyn ösdürmekde innowasion tehnologiýalar, multimedia enjamlary we häzirki zaman ylmynyň iň täze gazananlary ýurdumyzyň dürli pudaklaryna ornaşdyrylýar. Berkarar döwletimizde Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň “Ylmy-tehniki ösüşlere, iň täze tehnologiýalara, öňdebaryjy innowasiýalara daýanyp, bagtyýar ýaşlarymyzyň ýokary derejede bilim almaklary, saýlan hünärleriniň eýeleri bolmaklary, watançylygyň hem-de ynsanperwerligiň belent ruhunda terbiýelenmekleri üçin giň mümkinçilikleri döredýäris” diýen sözleriniň durmuşa geçirilmegi bilen ýaşlaryň ylym, bilim derejelerini häzirki döwrüň talaplaryna laýyk getirmek, häzirki zaman türkmen jemgyýeti üçin kämil hünärmenleri taýýarlamak işleri alnyp barylýar.

**Olimpiadanyň maksady:**

- Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary bilen kabul edilen Maksatnamalara, Konsepsiýalara laýyklykda bilim we ylym boýunça häzirki döwürde himiýa ugrundan durmuş-ykdysady ösüşlere gönükdirilen meseleleri çözmäge we tejribeleri derňemäge ukyply, ýokary derejeli ýaş hünärmenleri taýýarlamak;

- ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda dostlukly gatnaşyklary berkitmek we özara bähbitli ylmy maglumatlary alyş-çalyş etmek;

- zehinli ýaşlara dünýäniň himiýa boýunça ylym-bilim edaralary tarapyndan gazanylan öňdebaryjy tejribelerini öwretmek we usulyýet esaslaryny ornaşdyrmak, ýaşlaryň alan nazary bilimlerine daýanyp, hünär ussatlygyny has-da kämilleşdirmek.

**Olimpiadanyň wezipesi:**

- Häzirki zaman öňdebaryjy tehnologiýalary ulanmak arkaly "Himiýa" dersine degişli bolan nazary meseleleri çözmeklige gyzyklanma döretmek;

- zehinli we ukyply ýaşlary ýüze çykarmak, olaryň mundan beýläk intellektual ösüşi bilen bagly aň-paýhas taýdan hünär ussatlyklaryny artdyrmak;

- bilim bermegiň hil derejesini ýokarlandyrmak bilen bir hatarda ders olimpiadalaryna gatnaşýan ýaşlaryň ýokary derejede taýýarlygyny gazanmak.

## 2. Olimpiadanyň guramaçylyk-usulyýet üpjünçiligi

Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda Himiýa dersi boýunça IV halkara olimpiadasyny guramak we geçirmek boýunça umumy ýolbaşçylygy amala aşyrmak üçin Guramaçylyk Iş topary döredilýär. Guramaçylyk Iş toparynyň düzümi Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.

**Guramaçylyk Iş topary:**

- Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda bu olimpiadany geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de ony guramak we geçirmek boýunça işleri alyp barýar;

- olimpiadany geçirmegiň tertibini, möhletini kesgitlemek boýunça teklipleri hem-de usulyýet we gözükdiriji gollanmalary taýýarlaýar;

- olimpiadanyň meselelerini işläp taýýarlamak boýunça işleri alyp barýar.

## 3. Olimpiadany guramagyň we geçirmegiň tertibi

3.1. Olimpiada ýokary bilim maksatnamalary boýunça okaýan Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň dürli ugurlarynyň, hünärleriniň talyplary gatnaşyp bilerler.

3.2. Olimpiadanyň resmi iş dilleri türkmen, rus we iňlis dilleridir.

3.3. Olimpiada Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň gelip gatnaşmagynda Aşgabat şäherinde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde geçiriler.

3.4. Olimpiada gatnaşmaga isleg bildirýän ýokary okuw mekdebiniň talyplary özi baradaky maglumatlary 2025-nji ýylyň 27-nji sentýabryna çenli Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň olimptsu@gmail.com elektron poçta arkaly ugradylmaly.

3.5. Olimpiada şahsy bäsleşik görnüşinde **A** we **B** derejede geçiriler:

a) **A** derejä islendik hünärde okaýan (bakalawr derejesi boýunça I-IV ýyl, hünärmen derejesi boýunça I-V ýyl) talyplar gatnaşyp bilerler.

b) **B** derejä hünär ugry himiýa bolmadyk talyplar gatnaşyp biler.

3.6. Meseleler ýokary okuw mekdep maksatnamasyna laýyklykda organiki himiýa, fiziki himiýa, organiki däl himiýa, analitiki himiýa boýunça taýýarlanylar. Olimpiada bir tapgyrda geçiriler.

A dereje ýazmaça görnüşinde (dowamlylygy 240 minut) geçiriler.

B dereje test görnüşinde (dowamlylygy 240 minut) geçiriler.

3.7. Olimpiada gatnaşýan talyp meseleleri özbaşdak işlemeli. Talyba olimpiadanyň geçýän wagtynyň dowamynda gapdalyndaky gatnaşyjy bilen gürleşmäge we beýleki çeşmeleri ulanmaga rugsat berilmeýär. Şu düzgüni bozan talyp olimpiada gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylar.

3.8. Eminler toparynyň düzümini we onuň ýolbaşçysy Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.

3.9. Eminler olimpiada gatnaşýan talyplaryň işlerini bahalandyrýar we netijelerini jemleýär.

3.10. Islendik gatnaşyjy talybyň arz-şikaýat bilen ýüz tutmaga hukugy bardyr. Munuň üçin eminler toparyna ýüz tutup biler.

3.11. Talybyň görkezen netijeleri boýunça eminler topary tarapyndan appelýasiýa gurnalýar we oňa diňe olimpiada gatnaşyjy talyp girýär.

3.12. Arz-şikaýatlar eminler topary tarapyndan seredilýär we ahyrky netijäni eminler toparynyň başlygy kesgitleýär. Bu gutarnykly netije üýtgedilmäge degişli däldir.

## 4.Olimpiadanyň ýeňijilerini kesgitlemegiň we sylaglamagyň tertibi

4.1. Olimpiadanyň netijesi şahsy bäsleşikde toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitlenilýär.

4.2. Olimpiadanyň netijeleri beýanlar arkaly resmileşdirilýär we eminler toparynyň netijenamasy esasynda ýeňijileriň düzümi degişlilikde 10:15:25 göterim derejede kesgitlenilýär.

4.3. Olimpiadanyň ýeňijileri degişli medallar we diplomlar bilen sylaglanylar.

**Guramaçylyk topary**